AKJAÝEW GURBAN

# Göwher ýerde ýatmaz

Goşgular



Gubadag etraby 2022

# Sözbaşy

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň gözbaşynda mähriban Prezidentimiziň gije-gündizki, çuň-pähim paýhasa ýugrulan ýadawsyz zähmeti, taýsyz tagallasy ýatyr.

Gahryman Arkadagymyzyň “***Iň gymmatly miras terbiýe, terbiýäniň özeni bolan ylym-bilimdir”*** diýip belleýşi ýaly, ýaşlarymyzyň edep-terbiýesi, ylymi-bilimi baradaky görkezmeleri berk ýörelgämizdir.

Şu goşgular ýygyndysynyň mazmunynda hem şu ýörelgelerden ugur alynyp, ýaşlarymyzyň zähmet, ylym-bilim, hojalyk, adamkärçilik, mertlik, watansöýüjilik terbiýesi eriş-argaç bolup geçýär.



Akjaýew Gurban 1950-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň Döwletli obasynda daýhan maşgalada dogulýar.

Ol obasyndaky orta mekdebi tamamlap Türkmenabat şäherindäki TDMI-nyň türkmen dili we edebiýaty bölümine okuwa girip, 1971-nji ýylda ony gutarýar.

1971-1986-njy ýyllar Gubadag etrabyndaky 13-nji orta mekdepde mugallym, 1986-2002-nji ýyllarda etrap bilim bölüminde, mugallymlary kämilleşdiriş institutynda, welaýat baş bilim müdirliginde hünärmen, etrap bilim bölüminiň müdiriniň orunbasary wezpelerinde işleýär. 2002-2021-nji ýyllar mugallym bolup işledi. Häzirki wagtda hormatly dynç alyşda.

Gurban aga bilim ulgamyndaky asylly hyzmatlary üçin ’Türkmenistanyň halk magaryfynyň otliçnigi” diýen döşe dakylýan nyşan bilen, “Hormat nyşany ordeni” bişen, ençeme Hormat hatlar bilen sylaglandy.



**Laýyklyk**

Göze ilginç bolman, ile laýygrak
Bezenmek, beslenmek dürs bolsa gerek
Nä ýetipdir ýene edim – gylymyň
Ýaşyňa, döwrüňe bolsa babyrak.

Ýetmeziňi ili diňläp aňlasaň
Guýma kimin abyraýyň artykdyr
Dürtme deýin diňlemeseň, duýmasaň
Onda welin, abyraýyň kemtikdir.

**Mertebe**

Kynçylygy erkin duýmak
Mertebäniň geregidir
Akyl – parasada uýmak
Mertebäniň bezegidir.

Mertebeli ile ýarar
Daýanjydyr ynam-ygrar
Eger ýene pespällige
Eýläp bilse bir gez beýgär.

**Söýgi**

Söýgi, söýgi sataşaňda misli ot,
Seň öňüňde boýun egýär adamzat.
Söýginiň mesgeni juwan ýürekde,
Neneň ýerleşýärkä beýle güýçli zat.

Saňa garrama ýok, baky juwansyň
Ynsan üçin gudrat bolup döränsiň
Ýaşaýyşyň köki saňa siňendir
Oňa dowamaty berýän-de sensiň.

**Gaz we garga**

Gökde gazlar, garga gördi
Olar erkin gaýyp ýördi

Buýsanç bilen bakdy gazlar
Ara uzak, garga gözlär

Garga birden küýe girdi
Gazlar sary ganat gerdi

Tijense – de ýol agyrdy
Ýetip bilmän ýeňse berdi

Ysgyn gaçyp, artyp derdi
Gaharyna ol gagyrdy

Çakyn bilmän başlan işe
Garga dek çeker endişe.

**Ýagşylar**
Il ýere deňär ýagşyny
Aýa güne söýenini
Aý, Gün ene toprak deýin
Olar saklar bu dünýäni.

Ýagşy at aýratyn gyt zat
Edinmek düşäýmez aňsat
Ýagşy adyn almaklyga
Borçly edýär seni köp zat.
**Beýikler**

Köpleriň höwesi ilde beýiklik
Ol ýetdirmez oňa bolmasaň laýyk
Iliň – günüň söýüp, ýükün gerdenläp
Il – gün üçin pida bermäge mertlik.

Beýik boljak bolmadylar beýikler
Il keşgini çekmek göwnün seýiklär
Özi hakda aladany duýansoň
Iliň özi tapyp ony beýiklär.

**Sapak**

Akmagyň işi telek
Manyly oý pikir ýok
Emma onuň ýalňyşy
Aňlana anyk sapak.

Zerur gerek zadyň birem
Yza bakyp aram – aram
Alyp bilseň berer sapak
Ýalňyşlaram, säwliklerem.

**Ömrüň manysy**

Ýigit çykyp murt tabansoň ynsana
Abyraý – at gerek girmäge sana

Abyraý almaga dözmeli jana
Özüňe erk edip aňsatdan kyna

Bir gaçyrsaň golaý gelmez ýok çäre
Onsoň ony diläp bolmaz zerura

Gül – gunça dek ýaşlyk ýatladar ýazy
Gojalyk ýatlatsa göýäki güýzi

Gojalyga hasyl harmanly gelgin
Nesliň üçin gyzyl çäje öwrülgin.

**Erjellik**

Pähim – paýhas, akyldan
Az söz sabyr – takat hem
Habarsyzdyr bu haldan
Erjelligi, erki kem

Gerek erjellik, erkem
Bolsa ýagşy oň çakam
Ile, garşy pikriňden
Dänmek akyldan belkem.

**Synçy kişi**



Synçy siňe synlasa
Paýhas elegi süzer
Hereketdir, bolşuňdan
Içki ahwalyň syzar

Oýlanşykly synçy kişi
Durmuşda çekmez endişi
Görgür, duýgur, baha berer
Ýürege ornar oň işi.

**Şortalar**

Talantly – şorta sözli
Durmuşda ýiti gözli

Duzluja gysgajyk söz
Täsirin ýetirer tiz

Şortalar ile ýarar
Çünki dogry sözi bar

Dogry sözlüň dosty ýok
Diýseler – de bu söz hak

Hakykaty hemme söýer
Özüne erk eden uýar

***

Ata – babaň halal ýolun ýaňylmak
Özüňe erk etmän,emgenmän iýmek
Emma ol kalbyňy kem-kem zaýalar
Agajy gurçugyň guradyşy dek.

**Watan duzuny iýip**

Watany, il – güni söýmek bagtdyr
Olardan aýralyk, iň agyr dertdir
Watanyň, il – günüň duzuny iýip
Hyýanat edýänler garabagtdyr

Göbek ganyň daman ýeri ynsana
Daban ýeri derde däri, bu jana
Dogan ilin sylamaýan, ol näkes
Ynsanmy ýa diri gäpmi hamana.

**Gadryň gaçyrma**

Göwün görjek bolup gadryň gaçyrma
Gylygyn bilmeseň golaýna barma
Gylygy pes bolsa gadyryň bilmez
Tanamadyk sylamasa geň görme

Mäkäm bol, hiç haçan gadryň gaçyrma
Paýhasa, wyždana geňeşmän ýörme
Ili ýigrendirýän işe baş goşup
Il içinde abyraýyň ýitirme.

**Şygra baş goşsaň**

Talant, zehin, ylham kalbyňda joşup
Kem – kemden başlasaň şygra baş goşup

Erkiňde söz bagy, çeperin saýla
Kalby galkyndyrjak manysyn oýla

Oňarsaň has gysga, has şirin bolsun
Eline alanyň göwnüni alsyn.

**Iki hal**

Goňşa hemaýatdyr, kyn günde hoş söz
Emma kömek berseň beýgeler bir gez

Ol bezemen pähim-paýhas pes kişi
Kalby külbä, köşge çalymdaş daşy

***
Adalatly baran ýerin düzeder
Il içinde abyraýyn beýgeldip
Nebsi ýaman adalatsyz göýdükler
Biabyraý baran ýerin dargadyp.

**Köstümiz**

Bir asman üstümiz, bir ýer astymyz
On iki müçedir her bir pyşdymyz
Bozýar belki bu deňligi durmuşda
Niýet, nebis, akyl – huşda köstümiz

Çagajyklar “uly” bolup oýnaýar
Ulularyň ýaş görünmek meýli bar
Gynansak-da, käbiriniň durmuşda
Borjuna däl, hukugyna meýli zor.

**Watan**

Daşda watan zaryn çeken
Ilin küýsäp, bagryn ýakan.
Ýat ýerde başa iş düşüp
Delmuryp dört ýana bakan

Aňlar watan başyň täji
Oň küýsegi jandan süýji
Onuň üçin jan beriler
Goralar tijäp bar güýji.

**Aýňalmaz seri**

Men – men diýip, kakyberseň döşüňe
Bir melamat getirersiň başyňa

Gopbamsy göwnüne hemmeden beýik
Ilin pisent etmän gökdedir tumşuk

Tumşuk göge galsa, göz görmez ýeri
Daşa büdremese, aýňalmaz seri.

**Geljegiň gamy**

Paýhasly iş bilen ile tanalsaň
Sözde, işde iliň göwnüni alsaň

Mydam tapgyn ýagşylygyň çemini
Etjek bolsaň gelejegiň gamyny.

**Ynsap**

Ilki aýak astyň oýla
Onsoň daşa nazar aýla
Ynsabyňa geňeş salyp
Ýörjek ýoluň onsoň saýla

Geňeşdaryň bolsa ynsap
Seni goýbermez bihasap
Abyraýa şärik eder
Büdretmez, taşlatmaz tap.

**Çak – çen**

Her zadyň çaky ýagşy
Melhem derdiň dermany
Eger çakyn bilmeseň
Ol hem çekdir armany

Her işiň çakyn – çenin
Bileniň, işi oňar
Çünki işiň ýagdaýyn
Eýsem öňünden aňar.



**Mertler**

Taýak iýer köprüde, mydam düýäň ulusy
Ol saklanyp duransoň, ýöremänsoň sürüsi

Mert ýigitler il ýükün, kyna bakman gerdenlär
Kä näkes ony aňman, mertleriň kemin peýlär

Mert sözüne bitindir, näçe datsa – da ajy
Abyraýy artykdyr, ynam – ygrarda güýji.

**Göwherler**

Üşükdir paýhasyň täji
Akyldyr pähimiň çäji
Bu hazyna ýanmaz ýitmez
Edinmek hemmä eýgertmez.

**Tälimini almaga**

Dünýa alabederdir, ýagşysy bar ýamany
Ýüwrük gadryn bilmäge ýaradypdyr çamany

Döredipdir akmagy, dana gadryn bilmäge
Hem olary yzarlap tälimini almaga.

**Gelinler**

Gelinler, gelinler baýdak gelinler
Söýgi bilen syrdan döränsiň sizler
Adamzat döräli siziň syryňyz
Heniz ýokdur, açyp, jemläp bilenler

Berilse gözellik göz bilen gaşda
Bendi etseňizde, her bir bakyşda
Mylaýym, hoş gylyk, hoşroý bolmasaň
Ornuňy tapaýmak kyn bor durmuşda.

**Umyt**



Gelişmese bir işiň
“Dostum bardyr bähbidiň”
Diýmegiň özi ýagşy
Alamaty umydyň

Umyt ylham çeşmesi
Ylham goşa ganatyň
Gowy amal etmäge
Gelişmedik niýetiň.

**Bigadyr**

Daşyna bakdylar törde oturdy
Kelte akly epeýligin ýitirdi.

Köp sarnady ol – özüçe dür saçyp
Manysyny tirseň aýbyny açyp.

Gowy garşylandy, bigadyr gitdi
Pöwheligne hemmäň akyly ýetdi.

**Aňmaz pişesin**

Akmak aňman çapsa, münen şahasyn
Aklaksyz –da taýy, aňmaz pişesin

Iliň iň pesidir, oň edep taýy
Çünki ile sygmaz, aňy hem küýi.

**Beýgelseň**
Ykbalyň beýgeltse aşaga seret
Oňardykça pespälligi ýaran tut

Aşaga seretseň ýoluň görersiň
Pespällikden hümmet tapar ýörersiň.

**Ýagşy edähet**

Kimden gitse kanagat
Üýtgär nebis, päl – niýet
Bar dünýäsi az görüner
Kem görüner bereket

Iň bir ýagşy edähet
Sabyrlylyk, kanagat
Kanagatsyz, bisabyr
Ömürne çeker ezýet.

**Kalbyň kör bolandan ...**

Kör bilmez bassa – da duzy – çöregi
Çünki onuň gapyk iki garagy
Mugthor hem şondan enaýy däldir
Il derdini duýmaz kalby ýüregi

Kalbyň kör bolandan, gözüň kör bolsun
Kör öwrener ýörjek ýolun, ugruny
Mugthor ters ýolda ýakyp bagryny
Bir gün gapan gapjar ýaňlyp çygryny.

**Paýhas baky**

Il – gün bilen durmuş süýji
Munda ýaşaýyşyň güýji

Durmuş göýä göçmi küşdüň
Utularsyň ýalňyş göçdüň

Her döwrüň öz ägirdi bar
Olar geçer, paýhas galar

Paýhas baky, döwür geçer
Her zadyň öz möwriti bar.

**Edebiň hamyrmaýasy**

Bir gün duza, müň gün salam
Ata – baba gelýän kelam

Kemmesin duzuň hümmeti
Gaçmasyn myhman hormaty

Ata – babaň ýörelgesi
Edebiň hamyrmaýasy.

**Ekenin orjagyn bilse – de...**

Deň-duşy nebsine gezdi haý diýip
Ol ýördi olary akylsyz saýyp
Gapan gapjap giç galansoň aňlady
Ters ýolda gezenin nebsine uýup

Ekenin orjagyn bilse – de ynsan
Nebsine haý diýmän, edaýýar nogsan
Elmydama suwy üfläp içmeli
Nogsanyň odundan bigünä ýanan.

**Bulut dek**

Ýiti gün garatmaz, gözün gamaşdyr
Gysga wagt bulda girse bakyp bor
Ynsapsyz görüpler mydam bulut dek
Gowyn gizläp, mydam ili çürkäp ýör

Il guwansa görip bagryny ýakar
Görübi görenden gitde göri gör
Biynsap beglere günüň galmasyn
Boş bitirmez dileseň – de gyşda gar.

**Çaga edebi**

Çaga kalby ap –arassa ak kagyz
Tekrarlaýýas ilki edebi eziz

Edebine, tertibine biz heniz
Maşgalada nusga dälmi özümiz

Görüm – göreldeli halal ojakdan
Aňsat – aňsat çykmaz biedep nadan

Miwe agajyndan uzaga gitmez
Maşgala edebin çaga unutmaz.



**Paýhasa daýanmasaň**

Howluksaň aklyň çaşar
Alňasan hem azaşar

Emelsize daýansaň
Tanamany söýenseň

Paýhasa daýanmasaň
Mydam bolar halyň teň.

**Saglyk**

Az iýen arassa, köp iýen hassa
Köp iýýän bedenin zäherlär assa
Uzaklap saglyga zyýan ýetirer
Bedende zäherler azalman artsa

Söýüp iýsek – de biz datly tagamy
Oýlanyp göýäki saglygyň gamy
Her näçe söýseň – de çakyn bilmeseň
Köpelse zäherler çekdirer gamy.

**Garşydaşyň gutlap bar**

Iki pikir çaknyşsa
Paýhasyňa orun ber
Garşydaşyň ornuna
Özüňi – de goýup gör

Pikir öwür netijä
Derňede delilleriň
Ýeňiş senden daşlaşsa
Gutlap bar garşydaşyň

**Giç duýýanlar**

Uzakdan ody görüp, perwana ganat gerip
Oýlanmady öljegin, özüni oda urup

Nähilidir bir jandar, parçalan şir çagasyn
Ýene – de dogry gelip, diňlän şiriň nalasyn

Perwana dek kä biri gadagana ymtylyp
Şir kibi käsi ody, görmän özüne basyp

Öz başyna düşende, aglar kalbyn paralap
Giç duýýarlar gezenin, ýürekleri ýaralap.

**Özüňden gör**

Şowsuzlygňy kişä atma
Kynçylykdan yza gaýtma

Şowsuzlygňy özüňden gör
Gowşaklygňy gujra öwür

Çünki mertler kişä atmaz
Namartlar özünden öýtmez.

**Il bahaňy keser**

Eşidenin ile ýaýar, ol şugul
Käsi tiz unudar, onda orta hal
Emma ony öz içinde saklaýan
Ol mähek daş, bolup bilseň şonça bol

Kezzap hile gurap, ynsapdan çykar
Ýarymsak ýaranjaň ahlagyn ýakar
Özleriçe ökde öýder özlerin
Il mizan terezi bahaňy keser.

**Işiň bähbidi**

Batyrgaý ýapyşsaň bir işe eger
Güýjüňe güýç goşar ol işe yhlas
Höwes argynlygyň aňyny alar
Işiň netijesin aňlasa paýhas

Pikiriň durla-da gönükdir ugra
Pähim, säwlikleri geçirer gyra
Ilim–günüm hormat goýýandyr mydam
Netijäni aňýan akyly dura.

Pähim-paýhas hem üşügi
Pespälligi ýaraşygy
Garrylardan nusga almak
Ýaşlarmyzyň ýaraşygy.

**Derde sataşsaň**

Köp ynjasa bir ýeriň
Uzak çekme azaryň

Lukman sary tiz ýetip
Emin, tap jäht tutup

Äwmeseň, derdiň artar
Synaňa badak atar

Onsoň ýene äwmeseň
Müçäňden jyda düşseň

Harç etseň dünýe maly
Tapmarsyň öňki haly.

**Garrylar**

Görseň göýä perişde
Nuranadyr garrylar
Elmydama durmuşda
Goldawyňdyr garrylar

Duşsaň dili senaly
Hal – ahwal sorar doly
Mylgyryp baksa bilgil
Ýagdaýyň aňlar doly

Beýemçidir märekede
Gelen – giden sypmaz birde
Märekäni abyraýlar
Edebi nusga her ýerde
Belent saklar sarpasyny
Asla kesmezler öňüni
Ýanynda müşgil iş bolmaz
Tapar mydam çäresini.
Ýugrulan dek kanagata
Mynasyp sylag-hormata
Göwnüňe jaý bolar mydam
Eger barsaň maslahata.

**Dosta geňeş**
Täze dostuň agyr görüp gulagyn
Lukmana ýüz tutan sorap oň emin
Lukman duýup diýen onuň öz kemin
"Em etme-lä dostum seniň gulagyň"

Bir kişi dostunyň ýanyna gelen
Goňşusyndan ýanyp, elheder alan
Dosty diňläp diýen onuň kemini
Ol goňşyň ýanynda uýatly bolan

Kynçylygyň hiç tapmasaň çemini
Dosta geňeş taparsyň oň emini
Çünki dostuň abyraýňa şärikdir
Diňläp dogry ýola gönükdir seni.

## Hil

Sana ymtylsaň her çak
Maňyzly az, köpdür pak
Eger iliňi söýseň
Sana bakma, hile bak

Hile hyýanat etseň
Haryt çekdir jezaňy
Il – günüňden çetleşseň
Ýatlar berer jezaňy.

## Doglan gün

Mähirden ýasalan enäniň eli.
Ýüregiýüpek deý, ýazyň ter güli
Çagasyna gije – gündiz kökenek
Jigerbende kalby giň dünýä ýaly

Çagyrylsa doglan güne gidiler
Sowgatlyja süýji arzuw ediler
Dogulan gün dogran enäň şanyna
Sowgada däl, belki arzuw az – bolar.

## Göýäki bagty

Ynsan bilen ynsanyň
Dag, deňiz dek arasy
Merdi hemaýat etse
Ili çürkär näkesi

Ar – namys halallyk tagty
Biynsapdyr, binamysa
Haramdan gazanan mugty
Görüner göýäki bagty.

## Syr

Syry diňlejek bolma
Eşitseň ile ýaýma
Syry açylan kişiň
Gazabyna galaýma

Syr saklamak merdiň işi
Ony oňarmaz her kişi
Çünki böwrüň dürter durar
Erk etmek müşgiliň başy

**Giç düşündi**

Iki ýüzli bir başda
Görämäge perişde
Aňlarda uwlundyrar
Ahmalyňy bakyşda

Emma halal ygrar bilen
Iller işläp ýaşap ýörler
Giç düşündi, ili çürkär
Iki ýüzli kalby körler.

**Baýlyk**

Saglykmy, baýlyk saýlansa biri
Saglyksyz baýlyk zerurmy beri
Ýanyn ýere ýetirýänçä oýlanman
Ýalňyşyna giç düşünýär käbiri

Eger baş birligi ýitäýse weli
Sermenip, sermenip, sermenip gözlär
Maýrylýança saglygyna seretmän
Ýiten saglygyny zer döküp yzlar

Dogan doganyň daýanjy
Gadyrlary jan dek süýji
Ahmal bolsaň tow düşürer
Ara düşse nebsiň güýji

**Tymsallar**

Gojalara hasa söýget ägälik
Körlere bildirer tekiz, oý, beýik
Hasa hyzmatyndan nusga alanyň
Aňsat – aňsat gitmez işinde säwlik

Ýer ekleýär janly – jandar hemmäni
Gün ýyladýar älem – jahan, dünýäni
Pespälligmiz, sahawatmyz niçik bor
Biz şolardan alyp bilsek nusgany

Ýagyş – ýagmyr, ýagşy – ýaman hemmä deň
Onsoň hapasyny gizläp dur ol çaň
Durmuşda ýetikdir beýle tymsallar
Manysyn aňmaga üşükli bolsaň.

**Many almasaň**
Eşidenňe pikir öwrüp bilmeseň
Görüp göreniňden many almasaň
Jam gulakdan, ýiti gözden nepeýda
Owalynda guýma gursak bolmasaň

Biakyllar özün, ökdedir öýder
Akmak artyk, dana özün kem saýar
Ýetik bolan pähim – paýhas üşügi
Öwrendikçe az bilýänin tiz duýar.

**Töwekgel**

Töwekgeliň talanty
Hem akyl parasaty
Kynçylygy ýeňmäge
Ýetik güýji gaýraty

Durmuşda çakyň bilmän
Töwekgele öýkünme
Öýkünseň çakyň aňman
Gark bolanňa ökünme.

**Gelin**

Il ýygnanyp toýuňa
Gelin geldi öýüňe
Öý endigin öwretmek
Gaýyn düşer paýyňa

Il – ile sygsameger
Emma öý öýe sygmaz
Çünki edim – gylymy
Bir – birine deň gelmez



Öýüň edim – gylymyn
Öwretse gaýyn ene
Geçirimli giň bolup
Gelin gitse endigne
Gyzym saňa aýdaýyn
“Gelnim sen düşün” diýen
Bagtly bolar elbetde
Gaýyn gepine uýan.
Gaýyn mähirli bolsa
Gelin durmaz darygyp
Assa-assa ýaş gelin
Gider öýe birigip.

**Dostsuzyň ömri göýdük**

Gamly günde hoş günde
Dostdur dostuň geregi
Aralar daş bolsa – da
Ýürek küýsär ýüregi

Dost durmuşyň eşreti
Ömrüňe çaýar şatlyk
Dost gadyryn bilmedik
Dostsuzyň ömri göýdük.

**Halypalar**
Halypalar Rumy, Jamy
Pähim – paýhas ýükli gämi
Olary çuň öwreneniň
Gelejege ýetik gamy

Berdinazar, Mämmetseýit
Ötdi ile berip öwüt
Halypalaň aýak tozy
Bolup bilsek bize bagt.

**Dil hakda**

Dilden gelen elden gelmez
Dildir ýüregiň açary
Dil düwnüni diş-de çözmez
Gözlärler dili ötgüri

Dil duwlansa dürli dona
Ýakymly dek göýä jana
Emma welin hilelidir
Uwlundyrar, kä ynsan – a

Dile geldi, bile geldi
Diýip diliň saklamasaň
Dil öl ýere biten diýip
Diýjegiňi çaklamasaň

Ol hem gala, hem-de bela
Käte süýji, käte ajy
Paýhas elegi süzmese
Dymmak belki janyň ujy.

**Görkezer özüni**

Akmak ýele, akyl zere
Gaplap, diýjek her sözüni
Akmak göge, akyl ýere
Bakar, görkezer özüni

Akmak ýagdaýy bilmez
Ýeňilkelle aňlamaz
Ýagdaý bilen iş tutan
Akyly kem saýylmaz

**Halypa hormaty**

Gökde günüň zürýatlary
Baky parlak ýyldyzlar
Beýikdir hormatlary
Onuň öňün tutmazlar

Ýyldyzlar dek şägirtler
Ozduryp halypadan
Bolsalar – da ägirtler
Öňün kesip ötmezler.

**Pikir kalbyň aýnasy**

Kakjak bolup, ol döşün
Mazamlap eden işin
Uzak gitmän döşüne
Dakdy ýuwnuksyz daşyn

Keçeňeklik, eselmek
Diňe özüň aldamak
Il – ä senden daşlaşar
Özüňe – de hiç nep ýok

Hötjetlerden habardar
Aňmaz peýda, zyýany
Tutan ýerin kesmekdir
Diňe barja bilýäni

Pikir kalbyň aýnasy
Hem akylyň dänesi
Keçeňekdir, hötjetler
Bu durmuşyň gänesi.

**Ýüzi ýyrtyk**

Ýüzi ýyrtyk ýol alar
Abyraýy kem bolar
Çünki gara nebisi
Mertebesin hem iýer

Ýaman dogry gelse eger
Alňasama edip gahar
Pähim etmän alňasasaň
Bähbidiňi gahar iýer.

**Akyl başda**

“Akyl başda” diýen dana
Ony deňäp genji – käne
Huşum kemter diýilse-de
Ýok akylym az diýýän – ä

Akyl başda, bolmaz ýaşda
Akylly belli geňeşde
Akly azam azdygyna
Nalap duranok durmuşda.

Gep yzarlan gepe galar
Nep yzarlan köpe geler
Atyn ýeke çapanyň
Sag diýeni çepe bolar.
***

**Ýerine düşer yhlas**

Jahyl çykan kä ýaşlar
Göge tutar tumşugyn
Ulyny diňläp başlar
Dadyp durmuş şarpygyn

Ýaşlygyňda hyjuw zordur
Akylyňdan isleg ozdyr
Ululaň pendin tutmasaň
Isleg – höwes ýoldan azdyr

Gojalygyň bezegi
Ýiti akyl, çuň paýhas
Ýaş güýç bilen birleşse
Ýerine düşer yhlas.

**Ylym**

Ilki ylma baş goşan
Alym saýar özüni
Kämil çykdykça duýar
Bilýäniniň azyny

Ylym eşret gözbaşy
Emma çekdir endişi
Ylym bilen beýgeler
Bek ýapyşsa her kişi.

**Kezzap**

Kezzap ynam etmez ile
Il, hem ýörmez onuň bile
Çünki onuň tilki kimin
Oňarsa etjegi hile

Ýagşy işe etmez höwes
Ile güne hormaty pes
Mümkingadar golaýlaşma
Özünde müýn goýmaz näkes.

**Edep**

Sowgat islän görüşmez
Kine saklan oňuşmaz
Iliň edep – dessuryn
Äsgermedik siňişmez

Ýola belet ýalňyşmaz
Iş belede kyn düşmez
Ýaşlykdan edep alan
Erbetlige baş goşmaz

Edep başy şirin dil
Mertebä gönezligiň
Mydam ätibarly bol
Edebiň ile bergiň

Eýsem edebe endik
Hazynaly zer sandyk
Tutmadyk hazynany
Belki, akyly göýdük.

**Ýolbaşçylyk**

Ýolbaşçylyk inçe sungat
Islär zehin, ylham, talant
Eger olar kemlik etse
Öňe gitmez iş belli zat

Emma oňa aşyk köpler
Ilden hormat – sylag islär
Ukybynyň bar – ýoguny
Girdaba düşende aňlar.

**Pespällik**

Pespällik bir beýiklik
Emma hemmä ýetdirmez
Käte-käte men – menlik
Dürter durar dek ýatmaz

Pespälleriň kalbynda
Ýagşylygyň mesgeni
Gopbamsy tekepbirde
Emma tapmarsyň ony.

**Gyz ýylgyranda**

Gyz kalby näzikdir, ter gunça misli
Bahar güneşi dek, mähirden asly
Ýylgyrsa gyş günüň ýaza dönderer
Agrasdyr, düşbüdir, gülmezler sesli

Mylaýym, şirin dil, çeper el işde
Päkize içersi, tämizdir daş – da
Gözellik eçilen göz bilen gaşda
Ak meňzi bent eder, gyz ýylgyranda

Oturşy, turuşy, gepi sözünde
Edaly, sypaýy, haýa ýüzünde
Bezegiň ýedisin jemläp özünde
Göýä açylan gül, gyz ýylgyranda

***
Kemakylyň alamaty
Dymmalymy agzy ýelli
Sözlemeklik gerek wagty
Otyr agzy mumly ýaly.

**Bäsdeş**

Şirin goşgy, gözel gyz
Bir – birine bäs eder
Näzikligi bularyň
Mydam kalby ereder

Ikisi – de ýaşaýşyň
Gözbaş, hamyrmaýasy
Geljek üçin bularyň
Ýüreginiň urmasy.

**Agzybirlik**

Nebis öňe düşen ýerde
Sylag – hormat kemär birde
Agzybirlik pese gaçar
Sylag – hormat kemän ýerde

Agzybirlik, arkalaşyk
Durmuşyň şirin – şerbeti
Eger bular kemlik etse
Barha gaçar oň lezzeti.

**Daş gaçar**

Göýä ili üçin ylgar
Emma peýdasyny peýlär
Ätiýajy elden berseň
Eliň bilen köz penjelär

Her zada sokar burun
Işdeşleň yzlar kemin
Kärdeşleri daşlaşsa
Ondan alar lezzetin

Işi düşse hoşamaý
Gowyňy agzar birlaý
Eger işi düşmese
Daş gaçar garamaňlaý

**Wagt hakda**
Wagt – ömür, ömür gymmat ynsana
Gymmat näme bibaha zat aňlana

Bibaha wagtymyz geçse bipeýan
Niçik bor oýlana ömrüň manysyn

**Zähmet**

Hemme kişi islär bagt
Nesýe däl – de gerek nagt
Onuň sakasynda ýatyr
Zähmet, saglyk gurup tagt

Saglyk bilen ynsan görki
Hem zähmetde onuň örki
Çünki hassa, mätäçlikden
Goramaga ýeter erki.

**Bagt**

Il umytly bolsa senden
Hantama etdirme çenden
Mydam bilgin öz çakyňy
Döwüň gelse öde jandan

Çünki bagty ynsanyň
Il derdine ýaramak
Hormatyn iliň – günüň
Duýup pespäl ýöremek.

**Ahlaky işler**

Buýsanç kalba nurun çaýyp
Durmuşyňa ballar gatar
Ýitiräýseň göwün maýyp
Saglyga – da zeper ýeter

Haýyr iş kämillik täji
Ony et bolsa alajy
Sahawatdyr, pähim – paýhas
Wyždanlylyk oň daýanjy



Az söz paýhas şamçyragy
Içki syryň ile ýaýma
Ýedi ölçäp bir kesensoň
Etjek işiň ertä goýma

****
Iki gulak ynsanda
Aşa köp diňlemäge
Ýeke dil berilipdir
Eýsem az gürlemäge.

**Mugallym**

Ykbalyňy baglanyň
Ussat durmuşyň güli
Kalbyňda şolar deýin
Mydam mähirden doly

Her sapak inçe sungat
Kyrk bäş minde ýerleşer
Özüň dek bolsa ussat
Ýüz minutlyk iş eder

Edep, bilimiň binýat
Özleşdirip, tutup ýat
Mähriňe maýyl çaga
Alýar edep hem sowat

***

Ýagşylar saklar gaharyn
Ejizler saçar zäherin
Ýaran bolan ýagşylara
Giň tutar kalbynyň törün.

**Ýalňyşyny görendir**

Ellisinde ýan ýoldaşyn ýitirdi
Diri wagty iňirdisin ýetirdi
Bütin ömrün gadryn bilmän ötürdi
Ýitirensoň ýalňyşyny görendir

Ogul – gyzy görünmäni gözüne
Köplenç sürtüp gazanjyny özüne
Käte degşip deň – duşlary ýüzüne
Diýseler – de ony gaty görendir

Altmyşyndan ýagşy ötüp, ýaş gitdi
Orta ýaş daşlaşyp gojalyk ýetdi
Agtyklaryn synlap yza seretdi
Geçen ýolun özi – de geň görendir

***

Kerpiçden örülen jaý
Göräýmäge berk bijaý
Emma dargar içinde
Söýgi köremedik öý.

**Wesýet**
Ilki azyn çuň bilmek
Işde peýda getirer
Az – azdan çuň öwrenmek
Maksadyňa ýetirer

Köpe geňeş al maslahat
Bolmaz ýitirjek zadyň
Delilleriň has köpelt
Diňe işde bähbidiň

Bilmedik bela galar
Eýsem bilen ozdurar
Ömrüňe öwrenmegi
Wesýet eden danalar

***

Çakyn bilen çakylmaz
Çaksyz – çensiz iş oňmaz
Çakyny çenlemedik
Asla abyraý almaz.

**Towuk we guş**

Erkin uçyp ýören guş
Towguň iýmine geldi
Oýnap ýören çaga ýaş
Ony tutmakçy boldy

Towuk diýdi: “Goý tutsun
Saňa däne berer ol
Gyş aňzakdan, duşmandan
Elmydama gorar ol”

Guş diýdi: “Ganatym bar
Duşmanlara per bermen
Güýjüm bar, gaýratym bar
Bakna bolup iým iýmen”.

***
Diýen dana iň kyn zat
Öz özüňi tanamak
Emma welin iň aňsat
Bermek akyl, maslahat.

**Nägileler**

Ýagşy ýamana parh etmän,
Hiç bir zada göwni ýetmän,
Nadanyň has akmagydyr
Ýüzün ýygryp, gaşyn çytan.

Geçen gowy görüner
Arzylydyr gelejek
Gül ýaly durmuşyndan
Närazydyr kä akmak

Ýüzüni ýygran ynjyk
Gadyr bilmez ol akmak
Bular kalbyn zaýalan
Durmuşy bedroý, göýdük

***

Öýkeländen tama et
Ýagşylyk bar köňülde
Ýalňyşyňy tiz düzet
Kine galmasyn onda.

**Akyllylar hakda**

Akyllynyň küýsegi kän
Emma ile etmez aýan
Küýsegiňe artyk uýmak
Ilde mertebäňe zyýan

Akyllyny aňmaga
Akyllylar gerekdir
Akyl bermek akmaga
Körde aýna ýalydyr

Mydam berer lezzeti
Akyllynyň söhbeti
Tälimini alanyň
Artyk bolar hormaty

***

Köp tüwiniň bolar daşy
Garasyndan agy ýaman
Ýoldaş bolmasa ýagşy
Öz ýagdaýyn aňlamaýan.

**Suw ýumşakdyr**

Sypaýylyk sylagly
Emma gerek aýamak
Çakdanaşany sada
Saýarlar ýa – da akmak

Görmäge suw ýumşakdyr
Islän gaba ýerleşer
Emma ol häsiýetin
Saklar diýseň has ezber

Kepderi dek bolsaň ýuwaş
Sylamazlar muny bil bek
Şonuň üçin göýä suw dek
Häsiýetiň saklagyn sak

***

Boljak boldy ýokdur peýan
Zeýrenmek ýetirer zyýan
Ýagşy ýagşylygy ýatlap
Içde saklar öýke – kinän.

**Göwher ýerde ýatmaz**
Ýigide müň hünär az,
Atalardan galan söz
Deňinden gaýra bolar
Eger bolsa hünärsiz

Aňlasaň artyk ukyp
Ösdürgin, kämil çykyp
Göwher hiç ýerde ýatmaz
Gözläp alarlar tapyp

Kämil çyksa hünäri
Aňlanlar hyrydary
Mertebesin beýgelder
Yhlas siňdiren käri

***

Diliň görki bolsa söz
Ýüzüň görki eýsem göz
Hoşroýlygy il söýse
Turşan ýüzden hemme bez.

**Ejize at dakylmaz**

Gybat, şugul ynsan kösti
Olar ilde bar dek kasty
Öwreneni içýan kimin
Sylamaz goňşyny, dosty

Ejize at dakylmaz
Gybaty-da edilmez
Gybatçy gybatlydan
Mydama pesdir bir gez

Günüň öňün bölek bulut
Tutup biler gysga wagt
Ýatladar bulduň işini
Ejizleriň işi gybat

***

Öwüt ber, öwüt alana
Öwüt gulakda galana
Öwüt asla täsir etmez
Erki ýetmese diline.

**Bolsa – da ýokundyly**

Görmäge hilegärlik
Ýokundyly ägälik
Ägälikdir hile – de
Asla ýokdur ýakynlyk

Hilegärler elmydam
Mugta ýanar bähbidin
Ilden hantama bolmaz
Eýelän ägä adyn



Mekirlikde ýitilik
Emma ol hyýanatly
Ýitilikde üstünlik
Bolsa ile bähbitli

***

Beýemçi bolma ýat ýerde
Sarpa goýmaz tanamadyk
Sözüň synsa märekede
Synan göwün tutmaz seýik.

**Zyýadalyk**

Durmuş seni igelese
Gynanmagyn ýitelersiň
Ýitiligiň artyberse
Il içinde idelersiň

Bäsleşseň mert bilen bäsleş
Öňdäkiler bilen deňleş
Abyraýyň artyk bolar
Ozman gitseň – de hatardaş

Ynsanyň tebigaty
Zyýadalyk sungaty
Deň – duşdan zyýadalyk
Eýsem berer lezzeti

***

Ýel öwüsse ygandan
Peşmek kimin gabaryp
Pespäl bolup baglar dek
Miwe getir kök urup.

**Çörek bölegi**

Çaň basan çöregi görende goja
Ýyldyrym çakan dek aý aýdyň gije
Sakga saklanyp maňlaýna degrip
Üfläp hüňürdeýşi meňzedi aja

Açlyk ýyllarynyň agyr ahwaly
Bir batman jöwene çalyşdyk maly
Iýmäge zat tapman, çiş ýöräp tene...
Gözümden gidenok şu günki ýaly

Diýarym ajaýyp, döwrüm bagtyýar
Uzadan ýeriňe eliň ýetip dur
Mahriban çagalar! Çöregiň gadryn
Elmydama siziň bilmegňiz zerur

****
Ýeke elde iki garpyz tutdurmaz
Agsaga –da ýüwrük towşan ýetdirmez
Hünärinden hyýanatly nep yzlan
Ilin kösär, öz egninem galdyrmaz.

**Kalbyňdan höwes öçmesin**

Şan – şöhrat bir göýä lukma
Ömürlikdir öýdüp bakma
Gelse begen gitse welin,
Gitdi diýip bagryň ýakma

Özüňden göwnüň geçmesin
Kalbyňdan höwes öçmesin
Siňe synlasaň durmuşy
Görersiň özüňden pesin

Paýhas şatlyk ojagy
Gam – gussadan daşda bol
Pähim edip geljegi
Mydam kalba giňlik sal

***

Suwsuz balyk jandan geçse
Sazak mydam suwdan gaçsa
Işiň bähbidine bolar
Hünärmen ornuna düşse.



**Mähirde birleşer ýürek**

Gaharda daşlaşar ýürek
Sesler gaty şoňa derek
Sessiz ümde düşnüşmäge
Mähirde birleşer ýürek

Eger eýelese gahar
Ilki akla böwet çeker
Pähim – paýhas böwüsmese
Haku – nähak birin ýakar

Giç duýarsyň bolar aýp
Puşmanyň ýer tutmaz haýp
Mertebäňe ýetir zeper
Gezmeseň ýagdaýyň duýup

***

Egrä egri, dogra dogry
Diýer diňe öçli biri
Dyman diňe ortalykdyr
Ýaýdanmak ejiziň käri.

**Tanamak**

Durmuşda öziňi tanajak bolsaň
Aýnada tanatmaz daşyňa baksaň
Içiňdäki aýna seret seresap
Edim – gylymyňy aňlajak bolsaň

Islegiň, höwesiň, ukybyň synap
Durnuk, başarnygyň ölçäp hem çenäp
Üýtgeýşiň, çydamyň ýene anyklap
Belki häsiýetiň aňlap bilersiň

Söz kalbyň aýnasy, çuň pikir berseň
Akylna görädir, manysyn tirseň
Köpçülikde diňlemäni başargyn
Kimiň kimdigini bileýin diýseň

**Mynasyplyk**

Hemmä ýaranyp bolmaz
Çünki göwün deň gelmez
Hemmä ýaranjak bolsaň
Özüňden – ä zat galmaz

Her görene eýerme
Hiç tutan guşuň bolmaz
Deňiň tap, ondan galma
Abyraýyň kemelmez

Ukybyňa baha ber
Şoňa laýyk işe bar
Şonda durmuşda ornuň
Özüňe mynasyp bor

***

Ýagşylyk et bilene
Ony ýerne salana
Habardar bol bildirmän
Ol daş bilen urana.

**Ynam**

Ynamsyz – oksuz araba
Hem meňzär göýä haraba
Ýaşaýyşa ýaramsyzdyr
Çünki bular boş gabara

Il ynamy mähek daş
Arylmasyn, ýitmesin
Hiç haçan onuň ýerin
Müňkür gubar tutmasyn

Ynam gaçan ynsanyň
Ynsanlygy gümana
Il içinde bar ýogy
Des – deň bolar hamana

***

Ynanjaly ynamlydyr
Gerek güne gamly bolan
Her bir zada aýawlydyr
Gelejege nazar salan.

**Doklugy götermän**

Açlykdan has ýaman, dokluk belasy
Doklugy götermän, ynsanlaň käsi
Aýnap, ownap, men – menlige ýüz urup
Kem – kemden gowzaýar akyl käsesi

Gowzadykça özün akylly duýup
Baýlygyna buýsanyp, ili kem saýyp
Iliň ony dok edenin aňlaman
Duýmaz ol, il – günsüz boljagyn maýyp

***

Çaga päkdir bilmez ýalan
Gabahaty etmez güman
Çagasyna ters görelde
Käsi nebis päli bilen

***

Ýagşy zady aýap sakla
Her bir kişä gerek bolar
Zerurlykda ýagşy zadyň
Gymmaty ýokary galar.

**Beýikligin saklasa**

Mal daňysy şahynda
Lebiz – ygrar ynsanda
Ynsan nämä öwrüler
Lebiz – ygrar ýitende

Uýat – haýa giden ýerde
Ar – namys ýararmy derde
Ar – namysy gidermekden
Agyr dert dörärmi serde

Beýikligin saklasa
Ynsan jandarlaň şasy
Eger saklap bilmese
Ähli jandaryň pesi

***

Dana ile gadyr goýar
Çünki ýagşysyny görer
Ýagşylygyň ýolundaky
Kynçylyga pikir berer.

**Medeniýetlilik**

Hoşgylaw, alçak, sypaýy
Hormatynda artyk paýy
Özgelerden saýlanyp dur
Çünki edep – ekram taýy

Sypaýylyk kalby bezär
Bezegiň muşdagy zor
Haýa ynsan bezegi
Medenýetde paýy bar

Diliňde ýagşy sözüň
Kalbyňda hoş niýetiň
Iň esasy sypaty
Bular hem medenýetiň

***

Köp bilenňe buýsanma
Gögerdip diýeniňi
Abyraýyň kemelder
Belki, men –menlik çaňy.

**Ykbalyňy synap gör**

Ykbalyňy synap gör
Hoşgylawmy haýdap sür
Bolsa ykbal şormaňlaý
Sabyr et-de, pikir ber

Bolsa işiň şowuna
Emma temek göterme
Ätiýaç elde sakla
Ony hiç elden berme

***
Göwnüň çökse däli derýa
Görseň göwnüň göterer
Aşgynla bar öwlüýä
Oýlanmaga mejbur eder

***
Endik erki eýelär
Böwet bolmasa paýhas
Paýhasa orun berip
Garşy durmasa yhlas.

**Arkalaşyk**

Durmuş bir bag bolsa, ynsan gülleri
Güller döredýändir ähli zerury
Oýlanýan kämahal özüm barada
Goşandym niçikkä, şol bagda beri

Durmuş bizi bir – birege çatandyr
Rysgal, nesibäniň ýolun gatandyr
Rysgalymyz arkalaşyp çöpleşip
Arkalaşan maksadyna ýetendir

Göwünlermiz bir – birinden suw içip
Mähir saçar arkalaşyp, birleşip
Arkalaşman bir – birinden daşlaşsa
Rysgal kemär, ýalňyz ýürek çat açyp

***

Igenjiň, awysy ýürege ornar
Awuly igençden hemmeler bizar
Ýerlikli ýerliksiz igenmekligi
Endik eden iliň ýigrenjin syzar.

**Ýagşy goňşy**

Ýagşy goňşy hemmäň zary,
Ýaman goňşyň il bizary,
Ýöne ýerden diýmeýärler:
“Goňşy-goňşynyň bazary”.

Ýagşy goňşy ömür ýoldaş,
Kyn günüňde bolar syrdaş,
Dogandan öň ýetip geler,
Baldyr syzlap, agyrsa baş.

Emma göwün näzik gülden,
Köňül ynjar belki, dilden.
Göwün synsa seýik tutmaz,
Ynjytmagyn, gelse goldan.

Goňşokara çalyşygy,
Yzzat-hormat alyşygy,
Heňňamlara uzap gitsin,
Bu däp iliň ýaraşygy.

**Emler**

El aýagy sowuk alsa
Sowuk suwa salgyn ony
Eger oda ýakynlaşsa
Zaýalarsyň bilgin muny

Aşa doňup ýitse reňk
Derisini kesmek gerek
Ganyň özi togtaýança
Ýyly suwda goýmak gerek

Sürtmek gerek çalgy ýaglar
Hereketde gerek bolar
Bu emleri berjaý etseň
Şonda ýumşar hem göneler.

***

Azar berse iç agyry
Düýedaban oňa däri
Üzümjigniň az sanlysyn
Ýuwudaýgyn diri-diri

**Şahyr kalby**

Söýüp duýguly käri,
Söz syrynyň hyrydary,
Özi-özüniň zergäri,
Bolup kalba siňer şahyr.

Söz bossanyn tire-tire,
Gözdür gulak bolup döwre,
Il-gün bilen bir ten, göwre,
Bolup hyzmat eder şahyr.

Many älemini gezip,
Paýhas eleginde süzüp,
Jadylaýjy şirin sözüň,
Şerbetine ezer şahyr.

Gül-gunça dek edip gözel,
Döredip ol şirin gazal,
Ile-güne berip hezil,
Özi jebrin çeker şahyr.

***

Atyň barka ýol gazanmak paýhasdan
Ataň barka dost gazanmak hem şondan
Bu zatlar durmuşda köp gaýtalanmaz
Arman eder geçirenler duşundan.

***

Ýamanyň ýagşysy bardyr
Azda bolsa görüp bilseň
Belki ýagşy ýola düşer
Ýagşysyny ýaýyp bilseň.

***

Kämilligiň çägi ýokdur
Aklyň ýeter öwrendikçe
Ynsanlygyň ýoly inçe
Öwrensek-de azdyr näçe.

***

Bil agyrmaz dilde orsaň
Hyýal aty ýüwrük sürseň
Asla bogan sübsäň bolmaz
Zähmetinden gaça dursaň.

**Nowruz gelende**

Hoştap güneş nurun saçar,
Ýyly mähri mähir goşar,
Zemin gülläp gujak açar,
Ilime Nowruz gelende.

Joşgun berip giň jahana,
Hoşboý ys ýaýrar çar ýana,
Tutuş älem girer jana,
Ilime Nowruz gelende.

Sypap mylaýym ýelleri,
Pyntykdan çykar gülleri,
Saýradar şat bilbilleri,
Ilime Nowruz gelende.

Boý alar ýaşyl sünbüller,
Gözel görke geler peller,
Toýun toýlar ähli iller,
Ilime Nowruz gelende.

Ýagşy tutup päliňi
Çagaňda gör özüňi
Päliňi düz tutmasaň
Nesil ýitir yzyňy.

***
Gopbamsyda hormat azdyr
Hoş gylykly ala-ýazdyr
Hoş gylyk hemmäň geregi
Gopbamsydan il bizardyr.

***

Özüni öweniň tanapy çüýrük
Eger nep görmese tutdurmaz guýruk.

***

Gabahatdan daşda bol
Köpe geňeş özüň bil
Başyňa iş düşende
Ilki dosta geňeş sal.

**Dilleriň senasy bedew**

Durşuna gujur-gaýrat, damarda gany dyňzar,
Tasanjyrap, syçrap, goýber diýip intizar,
Goýberseň ýelden ýyndam, uçup barýana meňzär,
Üstünde atoglany, seýis syrdaşy bedew.

Adamzat dek akylly, duýgur, düşgür, dilsiz hem,
Çydamda, ar-namysda, mert ýigitden durmaz kem,
Wepalylyk nusgasy bolup geldi her bir dem,
Uzyn, inçe aýakly iliň guwanjy bedew.

Sagdynlyk, güýç, gözellik, bagyş edilen doly,
Açylmadyk syry köp, eziz topragym ýaly,
Ynsan erkine tabyn, gyz-gelin dek edaly,
Tugramyzyň bezegi, Watan nyşany bedew.

Hyzmatyňa görä ilde hormatyň
Niýetiňe görä bolar kysmatyň
Niýetiň düz, hyzmat bolsa ýürekden
Il unutmaz gaçanda-da gurbatyň.

***

Ýaltanyň ýanynda müşgil iş bolmaz
Iş etmeli bolsa golaýna gelmez
Diňe bir bilýäni gara garnydyr
Bilse-de bolşuny ilden uýalmaz.

***

Durmuşda daýançdyr pederiň pendi
Daýançsyz köprüler oýular şindi

Pederiň pendini tutmadyk çaga
Daýançsyz köprüdir bolsa il “aga”

**Hilä gurulan hile**

Ilde döräp başlanynda hilegär
Ýaşulular üýşüp, edenler karar

Öz boýnuna goýup olaň günäsin
Ondan soňra çekdirmeli jezasyn

Gaba gizlin süýt guýmaly edilen
Hilegärler hile guran suw bilen

Ýene uýup öňki edähedine
Bil baglap il-günüň guýjak süýdüne

Il bilen gelipdir, hile guranlar
Süýt ýerine suw görüpdir duranlar

Olar bakan bir-biriniň gözüne
Bakyp bilmän il-gününiň ýüzüne.

Dilin bilip, öz wagtynda idetseň
Ekindir bereket, rysgal çeşmesi
Dilin bilmän, hyzmat wagtyn ötürseň
Ýaş çaga dek igläp, kemär joşmasy.

***

Soňun saýman iş etseň
Belki bolar soňy boş
Ýedi ölçäp bir kesseň
Netijesi eder hoş.

***
Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir
Ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir
Emma saýlar ynsany, ony hemme başarmaz
Ýagşylyga ýamanlyk eýsem kimiň işidir.

***
Danalara daýanmak
Beýikligiň nyşany
Dana ýolundan ýörmek
Köp oýlandyr ynsany.

Göz anyk, gulak gümana
Gulak gapy çyn ýalana
Her eşiden öz pikirin
Ýokuşdyrar anyk mana.

***
Işi şowka daşlaşanlar dostundan
Ätiýaç etmäni ol gara günden
Dostlarda daşlaşar, giç bolar ahmyr
Işi gaýdyp, gämi gyra degenden.

***
Ätibar bol, käte-käte
Ýalan bilen bezelen daş
Pähim etmän, ýüzleý synlan
Kynçylyga köp bolar duş.

***
Dag daşyn owratsaň küle öwrüler
Ogurlyk kiçiden ula öwrüler
Kiçi kemçilige gözüni ýuman
Edebiň tertibiň kemänin görer

Her bir işiň synagyn
Edeniň işi oňar
Şol işiň netijesin
Eýsem öňünden aňar.

***

Şygyr, şygyr bolanda
Şirin – şeker dilinde
Il düşürmez elinden
Ol mana ýugurlanda.

***

Gahara ýol berseň akylyň ýuwdar
Tamany ösdürseň haýaňy gidir
Gybat etseň ýagşy amalyň gäder
Göribiň iline ynamy bolmaz.

***

Aşyn aýan aşa ýetse
Donun aýan dona ýetse
Başy mydam aman bolar
Diline eýelik etse.

**Baýdagym**

Tug tanalar ilki bilen nyşandan
Zeýtunyň baldagy, Aý, ýyldyz, gölden
Hersi habar berer, möhüm tymsaldan
Ýerligiň ýazdandyr baky baýdagym

Pederler döş gerip, gorap şanyňy
Namysyňdyr, aýama diýp janyňy
Peder hatyrasy tutulan güni
Mukaddes başyňy egýäň baýdagym

Baýdak ýaly diýilendir merdiňe
Şanly senelerde çykaryp öňe
Ogul – gyzyň kasam edende saňa
Ak ýola ak pata berýäň baýdagym

Döwletim berkarar, sen onuň täji
Bagtyýar halkymyň buýsanç, guwanjy
Şahyrlaň joşguny, ylhamnyň güýji
Toýuň toýlaýarys bu gün baýdagym.

**Eşret döwrüm**

Açyk gapy-çuň syýasat
Bitaraplyk – mizemez bagt
Bilimsiz öý – otsuz ojak
Döwletimiň bilimi mugt

Garagumuň asty baýlyk
Garagumuň üsti baýlyk
Türkmen köli – eşret köli
Çöli bezär, gür tokaýlyk

Telekeçi tygşytly
Artyk hyzmatyň hili
Bolup daşa baknasyz
Ýetik harytlar doly

Ata-babaň arzuw eden
Görmän gözün açyp giden
Parahat hem eşret döwrüm
Arkadagyň arkasyndan.

Döwlet halkyň hyzmatynda
Prezidentim gözbaşynda
Arkadaga alkyş aýdyp
Halkym jebis oň daşynda

**Arak erkiň alar**

Arak erkiň elden alyp
Hem bihaýa güne salyp
Ýagşy – ýaman aňlamarsyň
Dost gynanyp, duşman gülüp

Barja abyraýyň döküp
Kem – kem saglygyňy büküp
Ýaşlygyňdan baglar bagtyň
Önjek nesle gara çekip

Gazanmarsyň baryň gidip
Rysgalyňa badak atyp
Hälem hiçden giç ýagşydyr
Düzeläýseň erkiň ýetip

Danalaryň goýan ýoly
Pähim parasatdan doly
Her näçe çuň öwrendikçe
Düýpsiz göýä umman ýaly.

**Borç hakynda**

Borçlara az uýýarys
Hukugymyz diýýäris
Kim borjun ödemese
Ony ile ýaýýarys

Öz borjuňy az duýmak
Iliň kemini diýmek
Endikmi ýa pes kada
Özüňi ak jüýje saýmak.

Ýogsam-da özün bilen
Pederler "weli" diýen
Welilig-ä ýetdirmez
Gowus-a borja uýmak

***

Paýhas gaýmagy nakyl
Eýerene ol akyl
Ýerin bilip ulansaň
Parasatly şirin dil.

Yşky – söýgi, çaga söýgi ýoýulmaz
Gözellige, enä söýgi doýulmaz
Duýgularyň ählisinden dünýäde
Söýgüňkiden belent duýgy duýulmaz.

***

Toplap bilseň tejribeler
Pähim – parasat dek olar
Öz ýerinde peýdalansaň
Her işde hemaýat bolar.

***

Bir emele ýeten nadan
Gazanjyny edip ýegsan
Edenini ilden isläp
Pyzylan at alyp nogsan.

***

Karun kimin dünýä malyn ýygsaň-da
Baýlyga duwlanyp, munda galan ýok
Kanagatly, halal ýaşa dünýä-de
Her bir zada barda oňa aman ýok.

**Säwlik**

Nuryjyga ejesi
Iýdiripdi dermany
El teýinde goýansoň
Nuryjyk gördi ony

Ejesi işden gelse
Çaganyň haly teňdi
Dermanly gutujygyň
Boşap ýatyşy geňdi

Çaga nusga alar bizden
Säwligi aňla tizden
Olar görenini eder
Başy çykman manysyndan.

***

Ýalan söz dona bürenmez
Binamys oňa erinmez
Her işe ýalan gatyşsa
Ol işler manyly bolmaz.

**Köpbilmiş**
Köpmilmişde pesdir maksat
Hilelidir mydam niýet
Şonuň üçin atalarmyz
Diýen oňa “towky nälet”

Ýasamalyk ýek gylyk
Gysgadyr onuň ömri
Altyna gaplasaň – da
Zere saýmazlar demri.

**Deň etmän ...**
Her kim ýanar öz deňini
Anyklap artyk kemini

Deň etmäni duş etmez
Bozulsa uzak gitmez

****
Dostuňa hoş sözüň ýakar
Emma duşman bagryn ýakar

**Pespälli bolgun**
Enesiz ykbalyň oduna ýanan
Mähir islän duýgulary ir sönen
Hapa söz hem minnet bagryny dilen
Ýetimi şat etmek haja kybapdyr

Ýer sermeýän itmeli kör batyllar
Kerliginden üme mätäç ol lallar
Dert sataşyp, ýata bolan keseller
Olaň halyn soramaklyk sogapdyr

Durmuş ahwallaryn siňe synlasaň
Her ahwalyň many tälimin alsaň
Özüňi şolaryň ornuna goýsaň
Sagdyn durmuşyňa pespälli bolgun.

***
Guşuň gapyrgasy garny doýurmaz
Ýaman goňşy öldürmez hem güldürmez.

**Kitap**

Küti – küti kitaplar
Pähim – paýhas ummany
Açsaň özüne çeker
Duýdukça duýgy käni

Duşan dek köne dosta
Ýürekdeş dana dosta
Okadykça lezzetli
Bakman geçen pursata

Diňlän dek şirin sazy
Erkiň eýelär özi
Many tirip okasaň
Guba düýe her sözi

Öwrenmäge bolsaň örji
Kitaplara siňen genji
Edinersiň durmuşyňda
Aýdyň ýörelge, daýanjy.

*Kitapçany çapa taýýarlan: Kiçibalow Agabaý 2022 ý.*